Salgyt gullugy

# IKI GEZEK SALGYT SALMAGY ARADAN AÝYRMAK WE GIRDEJILER HEM-DE MAÝA ÜÇIN SALGYTLAR BABATDA FISKAL BOÝUN TOWLAMAGYŇ ÖŇÜNI ALMAK HAKYNDA

## TÜRKMENISTANYŇ HÖKÜMETI
## BILEN
## RUMYNIÝANYŇ HÖKÜMETINIŇ
## ARASYNDA
## KONWENSIÝA

gelen 236
24.04.2008ý

Türkmenistanyň Hökümeti we Rumyniýanyň Hökümeti, Iki gezek salgyt salmagy aradan aýyrmak we girdejiler hem-de maýa üçin salgytlar babatda fiskal boýun towlamagyň öňüni almak hakynda Konwensiýa baglaşmak isläp we iki ýurduň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek niýeti bilen, şular barada şertleşdi:

**1-nji madda**
**Konwensiýanyň ulanýan Taraplary**

Şu Konwensiýa Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem dahyllysy bolup durýan taraplar babatda ulanylýar.

**2-nji madda**
**Salgytlaryň degişliligi**

1. Şu Konwensiýa salgytlaryň salnyş usulyna garamazdan, Şertleşýän Döwlet ýa-da onuň ýerli häkimiýet edaralary, ýa-da edara ediş-ýerli birlikleri tarapyndan girdejilere we maýa salynýan salgytlar babatda ulanylýar.

2. Girdejileriň umumy möçberinden, maýanyň umumy möçberinden, ýa-da olaryň aýry-aýry böleklerinden alynýan ähli salgytlar, şol sanda gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alnan girdejilerden salgytlar, kärhanalar tarapyndan tölenýän iş haklarynyň ýa-da haklaryň umumy möçberinden alynýan salgytlar, şeýle hem maýanyň artmagyndan alynýan girdejilerden salgytlar girdeji we maýa üçin salgytlar hasaplanýar.

3. Konwensiýanyň degişli bar bolan salgytlary, hususan-da şular bolup durýar:

a) Türkmenistanda:

(i) edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) salgyt;

(ii) şahsy adamlaryň girdejilerinden salgyt;

(iii) ýerasty baýlyklaryndan peýdalanylandygy üçin salgyt;

(iv) emläk üçin salgyt;

(mundan beýläk «türkmen salgydy» atlandyrylýar).

b) Rumyniýada:

(i) girdeji üçin salgyt;

(ii) peýda üçin salgyt;

(mundan beýläk «rumyn salgydy» atlandyrylýar).

4. Şeýle hem Konwensiýa oňa gol çekilen seneden soň 3-nji bölümde bellenip geçilen bar bolan salgytlara goşmaça ýa-da olaryň ýerine alynjak barabar ýa-da meňzeş salgytlar babatda-da ulanylýar. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary öz degişli salgyt kanunlaryna girizilen islendik düýpli üýtgetmeler barada bir-biregi habarly eder.

## 3-nji madda
## Umumy kesgitlemeler

1. Eger kontekstden başga many gelip çykmaýan bolsa, şu Konwensiýanyň maksatlary üçin:

a) «bir Şertleşýän Döwlet» we «beýleki Şertleşýän Döwlet» düşünjeleri kontekste baglylykda Türkmenistany ýa-da Rumyniýany aňladýar;

b) «Türkmenistan» düşünjesi Türkmenistany aňladýar we geografik manyda ulanylanda halkara hukugyna we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň territorial suwlaryndan daşardaky onuň çäklerinde öz deňiz düýbi, ýerasty baýlyklary we olaryň tebigy gorlary babatda öz hukuklaryny amala aşyryp biljek ýeri bolup durýan islendik ýeri öz içine alýar;

ç) «Rumyniýa» düşünjesi Rumyniýanyň döwlet çäklerini, şol sanda özygtyýarly hukuklaryny amala aşyrýan territorial deňzini we çäkleriniň üstündäki howa giňişligini, şeýle hem Rumyniýanyň kanunçylygyna we kadalaryna, şeýle hem halkara hukugynyň ýörelgelerine laýyklykda özygtyýarly hukuklaryny we ýurisdiksiýasyny amala aşyrýan territorial suwlara ýanaşyk sebiti we kontinental ýalpaklygy we aýratyn ykdysady sebiti aňladýar;

d) «salgyt» düşünjesi kontekste baglylykda türkmen salgydyny ýa-da rumyn salgydyny aňladýar;

e) «tarap» düşünjesi Şertleşýän Döwletleriň birinde resmi taýdan hasaba alnan şahsy adamy, kompaniýany we islendik beýleki birleşmäni aňladýar;

ä) «kompaniýa» düşünjesi islendik korporatiw birleşmäni ýa-da salgyt salmagyň maksatlary üçin korporatiw birleşme hökmünde garalýan islendik beýleki guramany aňladýar;

f) «bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasy» we «beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasy» düşünjeleri degişlilikde bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany we beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany aňladýar;

g) «milli tarap» düşünjesi şulary aňladýar:

(i) Türkmenistanda Türkmenistanyň raýatlygy bar bolan islendik şahsy adamy we Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylygy esasynda bu derejäni alan islendik edara görnüşli tarapy, şereketi ýa-da assosiasiýany aňladýar;

(ii) Rumyniýada Rumyniýanyň raýatlygy bar bolan islendik şahsy adamy we Rumyniýanyň ulanylýan kanunçylygy esasynda şeýle derejäni alan islendik

edara görnüşli tarapy, taraplaryň birleşigini we islendik beýleki guramany aňladýar;

h) «halkara gatnatmasy» düşünjesi Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisi, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdesi bilen islendik gatnatmany aňladýar, şeýle gatnatmanyň diňe beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän punktlaryň arasynda ulanylan halatlary muňa girmeýär;

j) «ygtyýarly edara» düşünjesi şulary aňladýar:

(i) Türkmenistanda Maliýe ministrligini we Baş döwlet salgyt gullugyny ýa-da olaryň ygtylarly edilen wekilini;

(ii) Rumyniýada Ykdysadyýet we maliýe ministrligini ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekilini.

2. Şu Konwensiýa Şertleşýän Döwlet tarapyndan ulanylan mahaly onda kesgitlenmedik islendik düşünje, eger kontekstden başgaça many gelip çykmaýan bolsa, Konwensiýanyň degişli salgytlary babatda bu Döwletiň kanunçylygynda oňa berilýän mana eýe bolar.

## 4-nji madda
## Dahyllysy

1. Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin «bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy» düşünjesi bu Döwletiň kanunçylygy boýunça onda ýaşaýan ýeriniň, hemişelik bolýan ýeriniň, ýolbaşçy edarasynyň ýerleşýän ýeriniň, hasaba alnan ýeriniň ýa-da beýleki şoňa meňzeş ölçegiň esasynda salgyt salynmaga degişli tarapy aňladýar. Emma bu düşünje diňe bu Döwletde girdejileriň çeşmeleri babatda ýa-da onda ýerleşýän maýa babatda bu Döwletde salgyt salynmaga degişli tarapy öz içine almaýar.

2. 1-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda şahsy adam iki Şertleşýän Döwletiň hem dahyllysy bolup durýan halatda, onuň derejesi şu usulda kesgitlenýär:

a) ol hemişelik ýaşaýyş jaýy bar bolan Şertleşýän Döwletiň dahyllysy hasaplanýar, eger onuň iki Döwletde hem hemişelik ýaşaýyş jaýy bar bolsa, ol has ysnyşykly şahsy we ykdysady gatnaşyklary (durmuş bähbitleriniň merkezi) bar bolan Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar;

b) eger onuň durmuş bähbitleriniň merkeziniň bar Döwleti kesgitlenip bilinmeýän bolsa ýa-da onuň Döwletleriň hiç birinde hemişelik ýaşaýyş jaýy ýok bolsa, ol adatça ýaşaýan Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar;

ç) eger ol, adatça, iki Döwletde ýaşaýan ýa-da eger ol, adatça, olaryň hiç birinde hem ýaşamaýan bolsa, ol milli tarapy bolup durýan Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar;

d) eger ol iki Döwletiň hem milli tarapy bolup durýan ýa-da olaryň hiç biriniň hem milli tarapy bolup durmaýan bolsa, Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary bu meseläni özara ylalaşmak boýunça çözýär.

3. 1-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda şahsy adam bolup durmaýan tarap iki Şertleşýän Döwletiň hem dahyllysy bolup durýan bolsa, ol hakyky ýolbaşçy edarasynyň ýerleşýän Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar.

## 5-nji madda
## Hemişelik wekilçilik

1. Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin «hemişelik wekilçilik» düşünjesi kärhananyň üsti bilen doly ýa-da bölekleýin täjirçilik işi amala aşyrylýan hemişelik iş ýerini aňladýar.

2. «Hemişelik wekilçilik» düşünjesi, hususan-da, şulary öz içine alýar:

a) dolandyryş ýerini;

b) şahamçany;

ç) edara binasyny;

d) fabrigi;

e) dükany;

ä) ussahanany;

f) fermany ýa-da islendik plantasiýany;

g) peýda almak maksady bilen, harytlary getirmek üçin ulanylýan ammary; we

h) şahtany, nebit ýa-da gaz guýusyny, karýeri ýa-da tebigy serişdeleriň alynýan islendik beýleki ýerini.

3. «Hemişelik wekilçilik» düşünjesi, şeýle hem şulary öz içine alýar:

a) gurluşyk meýdançasyny, gurluşyk, gurnama ýa-da ýygnaýjy desgany ýa-da şu desgalar bilen baglanyşykly gözegçilik işini, ýöne diňe olar bilen baglanyşykly işleriň dowamlylygy on iki aýdan geçýän halatda öz içine alýar;

b) bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletde bu maksatlar üçin hakyna tutulan gullukçylaryň ýa-da beýleki işgärleriň üsti bilen hyzmatlaryň edilmegini, şol sanda maslahat beriş hyzmatlaryny, şeýle işiň dowamlylygy bir ýa-da birnäçe desgalar üçin jemi islendik on iki aýlyk döwrüň dowamynda alty aýdan köp bolan döwre ýa-da döwürlere barabar bolan halatda öz içine alýar.

4. Şu Maddanyň ozalky düzgünlerine garamazdan, «hemişelik wekilçilik» düşünjesi şulary öz içine almaýar:

a) desgalary diňe kärhana degişli harytlary ýa-da önümleri saklamak ýa-da görkezmek üçin ulanmagy;

b) kärhana degişli harytlaryň we önümleriň gorlaryny diňe saklamak ýa-da görkezmek üçin saklamagy;

ç) kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlaryny diňe beýleki kärhana tarapyndan işlenmegi üçin saklamagy;

d) kärhana degişli, adaty wagtlaýyn ýarmarkanyň ýa-da serginiň çäklerinde goýlan, bu ýarmarka ýa-da sergi ýapylandan soňra bir aýdan gijä galman satylan harytlary ýa-da önümleri ýerlemegi;

e) hemişelik iş ýerini diňe harytlary ýa-da önümleri satyn almak, ýa-da kärhana üçin maglumatlary ýygnamak maksatlary üçin saklamagy;

ä) hemişelik iş ýerini kärhana üçin taýýarlaýyş ýa-da kömekçi häsiýetli islendik beýleki işi amala aşyrmak maksatlary üçin saklamagy;

f) hemişelik iş ýerini diňe (a)-dan (ä)-e çenli kiçi bölümlerde sanalyp geçilen işiň görnüşleriniň islendik kombinasiýasyny amala aşyrmak üçin şeýle kombinasiýanyň netijesinde döreýän hemişelik iş ýeriniň jemleýji işiniň taýýarlaýyş ýa-da kömekçi häsiýete eýe bolan ýagdaýda saklamagy.

5. 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünlerine garamazdan, özi babatda 7-nji bölüm ulanylýan garaşsyz derejeli agentden başga adam Şertleşýän Döwletde beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň adyndan hereket edýän bolsa, eger şeýle adamyň:

a) kärhananyň adyndan şertnamalary baglaşmaga ygtyýarlyklary bar bolsa we şeýle ygtyýarlyklary birinji bellenip geçilen Döwletde amala aşyrýan bolsa; bu adamyň işi 4-nji bölümde görkezilen iş bilen çäklenýän, we şu bölümiň düzgünlerine laýyklykda hemişelik iş ýeriniň üsti bilen amala aşyrylýan, bu hemişelik iş ýerini hemişelik wekilçilige öwürmeýän ýagdaýy muňa girmeýär, ýa-da;

b) şeýle ygtyýarlyklary ýok bolsa, ýöne adatça, harytlaryň ýa-da önümleriň gorlaryny birinji bellenip geçilen Döwletde saklaýan, olary ol kärhananyň adyndan yzygiderli eltýän bolsa, bu kärhana birinji bellenilip geçilen Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçiligi bar hökmünde garalýar.

6. Şu Maddanyň öňdäki düzgünlerine garamazdan, Şertleşýän Döwletiň ätiýaçlandyryjy kompaniýasy eger ol ätiýaçlandyryş baýraklaryny beýleki Döwletiň çäklerinde ýygnaýan ýa-da ol ýerde bolup biljek töwekgelçiligi 7-nji bölüm ulanylýan garaşsyz derejeli agent bolup durmaýan adamyň üsti bilen ätiýaçlandyrýan bolsa, ol beýleki Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçiligi bar hasap ediler, şunda gaýtadan ätiýaçlandyrylmagy muňa girmeýär.

7. Eger kärhana täjirçilik işini diňe bu Döwletde brokeriň, komissioneriň ýa-da islendik beýleki garaşsyz derejeli agentiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, bu adamlaryň öz adaty işiniň çäklerinde hereket eden şertinde kärhana Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçiligi bar hökmünde garalmaýar.

8. Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýanyň gözegçilik edýän ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa tarapyndan gözegçilik edilýän ýa-da täjirçilik işini şol beýleki Döwletde (ýa

hemişelik wekilçiligiň üsti bilen ýa-da haýsydyr bir başga görnüşde) amala aşyrýan halaty öz-özünden bu kompaniýalaryň birini beýleki kompaniýanyň hemişelik wekilçiligine öwürmeýär.

### 6-njy madda
### Gozgalmaýan emläkden alynýan girdejiler

1. Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläkden (şol sanda oba we tokaý hojalygyndan) alynýan girdejilere bu beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. «Gozgalmaýan emläk» düşünjesi garalýan emlägiň ýerleşýän Şertleşýän Döwletiniň kanunçylygy boýunça bar bolan manysyna eýe bolmalydyr. Bu düşünje islendik halatda, gozgalmaýan emläk babatda kömekçi emlägi, oba we tokaý hojalygynda ulanylýan mallary we enjamlary, ýer eýeçiligi babatda umumy hukugyň düzgünleri ulanylýan hukuklary, gozgalmaýan emlägiň uzufruktuny we işläp taýýarlamak üçin öwezini dolma hökmünde tölenýän üýtgeýän hem-de bellenen töleglere hukuklary, ýa-da işläp taýýarlamaga, mineral serişdelere, çeşmelere we beýleki gazylyp alynýan peýdaly baýlyklara hukuklary öz içine almalydyr; deňiz we howa gämilerine, demir ýol we awtomobil ulag serişdelerine gozgalmaýan emläk hökmünde garalmaýar.

3. 1-nji bölümiň düzgünleri hem gozgalmaýan emlägi göni ulanmakdan, kärendä bermekden ýa-da islendik başga görnüşde ulanmakdan alynýan girdejiler babatda ulanylýar.

4. 1-nji we 3-nji bölümleriň düzgünleri hem kärhananyň gozgalmaýan emläginden alynýan girdejiler we garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek üçin ulanylýan gozgalmaýan emläkden alynýan girdejiler babatda ulanylýar.

### 7-nji madda
### Telekeçilik işinden alynýan peýda

1. Eger diňe Şertleşýän Döwletiň kärhanasy telekeçilik işini beýleki Şertleşýän Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrmaýan bolsa, şeýle kärhananyň peýdasyna diňe şol Döwletde salgyt salnyýar. Eger kärhana telekeçilik işini şeýle usulda amala aşyrýan bolsa, onda onuň peýdasyna beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner, ýöne salgyt şol hemişelik wekilçilige degişli bölegi babatda salnyp bilner.

2. 3-nji bölümiň düzgünlerini hasaba almak bilen, Şertleşýän Döwletiň kärhanasy telekeçilik işini beýleki Şertleşýän Döwletde ol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyran halatda eger şol hemişelik wekilçilik şeýle ýa-da şoňa meňzeş iş bilen, şeýle ýa-da şoňa meňzeş şertlerde meşgullanýan aýrybaşgalanan we aýratyn kärhana bolsa we hemişelik wekili

bolup durýan kärhanadan bütinleý garaşsyz hereket eden bolsa, onda onuň alyp biljek peýdasy her bir Şertleşýän Döwletde şol hemişelik wekilçilige degişlidir.

3. Hemişelik wekilçiligiň alan peýdasy kesgitlenen mahaly şeýle hemişelik wekilçiligiň maksatlary üçin çekilen çykdajylary, şol sanda bu çykdajylaryň hemişelik wekilçiligiň ýerleşýän Döwletinde ýa-da ondan daşarda çekilendigine garamazdan, dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylaryny aýyrmaga ýol berilýär. Şu düzgün her bir Şertleşýän Döwletiň içerki kanunçylygyna laýyklykda çäklendirmeleri hasaba almak bilen ulanylar.

4. Eger Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçilige degişli peýdany kärhananyň peýdasynyň umumy möçberini onuň dürli birlikleri boýunça deň möçberde paýlamak esasynda kesgitlemek adaty tejribe bolup durýan bolsa, 2-nji bölümde hiç bir zat Şertleşýän Döwlete salgyt salynýan peýdany munuň adaty kabul edilişi ýaly, şeýle paýlamak arkaly kesgitlemegini gadagan etmeýär; paýlamagyň saýlanyp alnan usuly şu Maddada bar bolan ýörelgelere laýyk gelýän netijeleri bermelidir.

5. Hiç bir peýda şol hemişelik wekilçiligiň diňe harytlary ýa-da önümleri kärhana üçin satyn almagy esasynda hemişelik wekilçilige hasaplanyp goşulmaz.

6. Öňdäki bölümleriň maksatlary üçin hemişelik wekilçilige degişli peýda eger diňe ony üýtgetmek üçin esasly we ýeterlik sebäp bolmasa, her ýyl şol bir usul boýunça kesgitlenilýär.

7. Peýda şu Konwensiýanyň beýleki Maddalarynda olar barada aýratyn aýdylýan girdejileriň görnüşlerini öz içine alan halatda, şol Maddalaryň düzgünlerine şu Maddanyň düzgünleri degişli däldir.

## 8-nji madda
## Halkara gatnatmasy

1. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň deňiz ýa-da howa gämileriniň, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdeleriniň halkara gatnatmasynda ulanylmagyndan beýleki Şertleşýän Döwletden alýan peýdasyna diňe birinji ýatlanyp geçilen Döwletde salgyt salynýar.

2. Şu Maddanyň 1-nji bölüminde bellenip geçilen peýda deňiz ýa-da howa gämilerini, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdelerini halkara gatnatmasynda ulanmakdan alynýan peýdadan tapawutlylykda myhmanhanalary ulanmakdan ýa-da ulag işinden alynýan peýdany öz içine almaz.

3. 1-nji bölümiň düzgünleri pula, bilelikdäki kärhana ýa-da ulag serişdelerini ulanmak boýunça halkara guramasyna gatnaşmakdan we diňe deňiz ýa-da howa gämilerini, demir ýol we awtomobil ulag serişdelerini ulanmaga degişli gaznalara paýly gatnaşmakdan alynýan peýda babatda hem ulanylýar.

4. Şertleşýän Döwletiň ulag kärhanasynyň harytlary we önümleri daşamak üçin ulanylýan konteýnerleri (şol sanda treýlerleri we konteýnerleri daşamak

üçin beýleki enjamlary) ulanmakdan, saklamakdan ýa-da kärendä bermekden alýan peýdasyna hem diňe şol Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

## 9-njy madda
## Assosirlenen kärhanalar

1. Şu halatda:

a) Şertleşýän Döwletiň kärhanasy beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşanda, ýa-da

b) şol bir taraplar bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasyny we beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşanda,

we her bir halatda iki kärhananyň arasynda olaryň täjirçilik we maliýe özara gatnaşyklarynda iki garaşsyz kärhananyň arasynda bolup biljek şertlerden tapawutly şertler dörände ýa-da bellenende, kärhanalaryň birine hasaplanyp goşulyp bilinjek, emma şol şertleriň bardygy sebäpli oňa hasaplanyp goşulmadyk islendik peýda şol kärhananyň peýdasyna goşulyp we degişlilikde oňa salgyt salnyp bilner.

2. Bir Şertleşýän Döwlet şol Döwletiň kärhanasynyň peýdasyna beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasy babatda şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilinjek peýdasyny goşan we şeýle ýagdaýda goşulan peýda birinji ýatlanyp geçilen Döwletiň kärhanasyna hasaplanan peýda bolup durýan halatda, eger iki kärhananyň arasyndaky gatnaşyklar garaşsyz kärhanalaryň arasyndaky gatnaşyklar ýaly bolsa, onda şol beýleki Döwlet özünde şol peýda hasaplanan salgyda degişli düzediş girizýär. Şeýle düzediş kesgitlenen mahaly şu Konwensiýanyň beýleki düzgünleri degişli derejede hasaba alnar, Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary bolsa zerur mahaly bir-biri bilen pikir alşar.

## 10-njy madda
## Göterim haklary

1. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenýän göterim haklaryna şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma şeýle göterim haklaryna olary töleýän kompaniýa dahyllysy bolup durýan Şertleşýän Döwletde hem şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner. Emma eger göterim haklaryny alýan göterim haklarynyň hakyky eýesi bolup durýan bolsa, şeýle usulda salynýan salgyt göterim haklarynyň jemi möçberiniň 10 göteriminden geçmeli däldir. Bu bölüm kompaniýanyň göterim haklary özünden tölenýän peýdasy babatda ulanylmaýar.

3. «Göterim haklary» düşünjesi şu Maddada ulanylan mahaly peýdany paýlaýan kompaniýa dahyllysy bolup durýan şol Döwletiň salgyt kanunçylygyna laýyklykda paýnamalardan, paýnamalary ulanmakdan ýa-da hukuklardan peýdalanmakdan, dag magdan çykaryjy senagatyň paýnamalaryndan, döredijileriň paýnamalaryndan ýa-da bergi talapnamalary bolup durmaýan, peýda gatnaşmaga hukuk berýän beýleki hukuklardan girdejileri, şeýle hem şeýle salgyt düzgünleşdirmesine degişli, paýnamalardan girdeji hökmünde beýleki korporatiw hukuklardan girdejini aňladýar.

4. Eger göterim haklarynyň hakyky eýesi Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, göterim haklaryny töleýän kompaniýa dahyllysy bolup durýan beýleki Şertleşýän Döwletde täjirçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadynyň we eýeçilik babatda şeýle hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada hakyky degişli göterim haklary tölenýän eýeçiliginiň üsti bilen garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji Maddanyň ýa-da 14-nji Maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa beýleki Şertleşýän Döwletden peýda ýa-da girdejileri alan halatda şol beýleki Döwlet şol kompaniýa tarapyndan tölenilýän göterim haklaryny salgytlardan doly boşadyp biler, eger şol göterim haklary şol beýleki Döwletiň dahyllysyna tölenýän ýa-da eger göterim haklary tölenýän eýeçilik hakykatda şol beýleki Döwletde ýerleşýän hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada degişli bolsa we kompaniýanyň paýlanmadyk peýdasyna salgyt salnyp bilinmese, hatda eger göterim haklary tölenýän ýa-da paýlanmadyk peýda şol beýleki Döwletde döreýän peýdadan ýa-da girdejiden doly ýa-da bölekleýin ybarat bolsa, olar muňa girmeýär.

## 11-nji madda
## Göterimler

1. Bir Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan we beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenýän göterimlere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma şeýle göterimlere hem olaryň ýüze çykýan şol Şertleşýän Döwletinde we şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner, emma alyjy göterimleriň hakyky eýesi bolup durýan bolsa, şeýle usulda salynýan salgyt göterimleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden geçmeli däldir.

3. 2-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, eger göterimler beýleki Şertleşýän Döwletde alnan we olara hakykatda beýleki Şertleşýän Döwletiň Hökümeti, onuň ýerli häkimiýet edarasy, ýa-da onuň edara ediş-ýerli birligi, ýa-da şol Hökümetiň islendik agentligi, ýa-da banky, ýa-da edarasy, ýerli häkimiýet

edarasy, ýa-da edara ediş-ýerli birliginiň edarasy eýeçilik edýän bolsa, ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň bergi talapnamalary beýleki Şertleşýän Döwletiň Hökümetiniň doly tabynlygyndaky maliýe edaralary tarapyndan kepillendirilen, ätiýaçlandyrylan ýa-da göni ýa-da gytaklaýyn maliýeleşdirilýän bolsa, bir Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan göterimler şol Döwletde salgytdan boşadylýar.

4. «Göterimler» düşünjesi şu Maddada ulanylan mahaly ipoteka üpjünçiligine we bergidaryň peýda gatnaşmaga hukugynyň bardygyna garamazdan, islendik görnüşdäki bergi talapnamalaryndan alynýan girdejini we hususan-da, gymmatly hökümet kagyzlaryndan we obligasiýalaryndan ýa-da bergi borçnamalaryndan, şol sanda bu gymmatly kagyzlar, obligasiýalar ýa-da bergi borçnamalary boýunça baýraklardan we utuşlardan girdejileri aňladýar. Şu Maddanyň maksatlary üçin öz wagtynda tölenmedik tölegler üçin jerimelere göterimler hökmünde garalmaýar.

5. Eger göterimleriň hakyky eýesi bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, täjirçilik işini göterimleriň ýüze çykýan beýleki Şertleşýän Döwletinde, şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Döwletde ol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadynyň üsti bilen garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän we esasynda göterimler tölenýän bergi talapnamalary hakykatdan-da şeýle hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada degişli bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji Maddanyň ýa-da 14-nji Maddanyň düzgünleri ulanylýar.

6. Şol Döwletiň özi, ýerli häkimiýet edarasy, edara ediş-ýerli birligi ýa-da şol Döwletiň dahyllysy töleýji bolup duran Şertleşýän Döwletde göterimler ýüze çykýar diýlip hasaplanýar. Emma eger göterimleri töleýän tarapyň, Şertleşýän Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, Şertleşýän Döwletde olar bilen bagly bergi ýüze çykýan hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady bar bolsa, bergiler boýunça göterimleri we şol göterimleri tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, onda şeýle göterimler hemişelik wekilçiligiň ýa-da hemişelik binýadyň ýerleşýän Şertleşýän Döwletinde ýüze çykýar diýlip hasaplanýar.

7. Eger göterimleri töleýji bilen göterimleriň hakyky eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisi bilen haýsydyr bir üçünji tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar boýunça esasynda tölenýän bergi talapnamalaryna degişli göterimleriň möçberi töleýji bilen göterimleriň hakyky eýesiniň arasynda ylalaşylan möçberden geçýän bolsa, şeýle gatnaşyklaryň ýok mahaly şu Maddanyň düzgünleri diňe soňky bellenip geçilen möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegleriň artykmaç bölegi şu Konwensiýanyň beýleki düzgünlerini degişli derejede hasaba almak bilen, her bir Şertleşýän Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga degişlidir.

## 12-nji madda
## Roýalti

1. Bir Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan we beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenýän roýaltilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Mundan başga-da, şeýle roýaltilere hem olaryň ýüze çykýan Şertleşýän Döwletinde we şol Döwletiň kanunlaryna laýyklykda salgyt salnyp bilner, emma eger alyjy roýaltileriň hakyky eýesi bolsa, onda şeýle halatda salynýan salgyt roýaltileriň umumy möçberiniň 15 göteriminden geçmeli däldir.

3. «Roýalti» düşünjesi şu Maddada ulanylan mahaly islendik görnüşdäki tölegleri aňladýar, peýdalanmak ýa-da ulanmak hukugyny bermek, şol sanda edebiýat, sungat ýa-da ylym eserleri üçin, şol sanda kinematografik filmler we filmler ýa-da radio ýa-da telewizion alyp görkezişler üçin awtorlyk hukuklary görnüşinde tölegleri, jemgyýetçilige hemra, kabel, optiki aragatnaşyk ýa-da şoňa meňzeş tehnologiýalar arkaly alyp eşitdiriş, islendik patenti, söwda nyşanyny, dizaýny ýa-da modeli, meýilnamany, gizlin formulany ýa-da amaly, ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy enjamlardan peýdalanmak hukugynyň berilmegi üçin, ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin öwezini dolmalary öz içine alýar.

4. Eger roýaltiniň hakyky eýesi bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, roýaltiniň ýüze çykýan beýleki Şertleşýän Döwletinde täjirçilik işini ol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Döwletde ol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadyndan şahsy garaşsyz hyzmatlary edýän bolsa we özi babatda roýalti tölenýän hukuk ýa-da emläk hakykatdan-da şol hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat bilen baglanyşykly bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji Maddanyň ýa-da 14-nji Maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Töleýji şol Döwletiň özi, onuň ýerli häkimiýet edarasy, edara ediş-ýerli birligi, ýa-da şol Döwletiň dahyllysy bolup durýan halatda roýalti Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan hasaplanýar. Eger roýaltini töleýji tarapyň Şertleşýän Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, Şertleşýän Döwletde özi bilen bagly bergi ýüze çykan hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady bar bolsa, şol bergi boýunça roýaltiler tölenýän we şol roýaltileriň tölegleri boýunça çykdajylary şol hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, onda roýaltiler hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat ýerleşýän Şertleşýän Döwletde ýüze çykýar diýlip hasap edilýär.

6. Eger töleýji bilen hakyky eýesiniň ýa-da olaryň ikisi bilen haýsy-da bolsa bir üçünji tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli ulanmaga, hukuga ýa-da maglumatlara degişli olaryň esasynda tölenilýän roýaltiniň möçberi töleýji bilen hakyky eýesiniň arasynda şeýle gatnaşyklaryň ýok mahaly ylalaşylyp bilinjek möçberden geçse, şu Maddanyň düzgünleri diňe soňky bellenip geçilen möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artyk bölegi

öňküsi ýaly şu Konwensiýanyň beýleki düzgünlerini degişli derejede hasaba almak bilen, her bir Şertleşýän Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga degişlidir.

**13-nji madda**
**Emlägiň bahasynyň artmagy**

1. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň 6-njy Maddada kesgitlenilişi ýaly, beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alýan girdejilerine şeýle emlägiň ýerleşýän Şertleşýän Döwletinde salgyt salnyp bilner.

2. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiliginiň täjirçilik emläginiň bir bölegini düzýän gozgalýan emlägini ýa-da bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň ygtyýarynda bolan, beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän hemişelik binýadyna degişli gozgalýan emlägini şahsy garaşsyz hyzmatlary etmek üçin aýrybaşgalamakdan alnan girdejilere, şol sanda şeýle hemişelik wekilçiligi (aýratyn ýa-da tutuş kärhana boýunça bitewilikde) ýa-da şeýle hemişelik binýady aýrybaşgalamakdan alnan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämilerini, demir ýol ýa-da awtomobil serişdelerini, ýa-da şeýle ulag serişdelerini ulanmak bilen baglanyşykly gozgalýan emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan girdejilere diňe şol Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

4. Emlägi esasan Şertleşýän Döwletiň çäklerinde ýerleşen gozgalmaýan emläkden gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn ybarat kompaniýanyň paýdarlar maýasynyň paýnamalaryny aýrybaşgalamakdan alnan girdejilere şol Döwletde salgyt salnyp bilner.

5. 4-nji bölümde bellenip geçilenlerden başga, Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýanyň maýasynyň paýnamalaryny aýrybaşgalamakdan alnan girdejilere şol Döwletde salgyt salnyp bilner.

6. 1-njiden 5-njä çenli bölümlerde gürrüňi edilýän emläkden başga islendik beýleki emlägi aýrybaşgalamakdan alnan girdejilere diňe emlägi aýrybaşgalaýan tarap dahyllysy bolup durýan Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

**14-nji madda**
**Garaşsyz şahsy hyzmatlar**

1. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň hünär hyzmatlaryny ýa-da häsiýetine garamazdan, başga işi etmekden alýan girdejisine diňe şol Döwletde salgyt salnyp bilner, şeýle girdejä beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salnyp bilinjek şu ýagdaýlar muňa girmeýär:

a) eger öz işini amala aşyrmak maksatlary üçin onda beýleki Şertleşýän Döwletde yzygiderli elýeterli bolan hemişelik binýat bar bolsa, ýa-da

b) eger ol garalýan senenama ýylynda başlanýan ýa-da tamamlanýan islendik on iki aýlyk döwrüň dowamynda jemi 183 günden ybarat ýa-da ondan geçýän döwürde ýa-da döwürlerde beýleki Şertleşýän Döwletde bolýan bolsa.

Girdejä (a) ýa-da (b) kiçi bölümlerde bellenip geçilýän halatlarda beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salnyp bilner, emma onuň hemişelik binýada degişli ýa-da dahyllysy şol beýleki Döwletde bolan döwründe amala aşyrylýan işden alnan bölegine salgyt salnyp bilner.

2. «Hünär hyzmatlary» düşünjesi, hususan-da, garaşsyz ylmy, edebi, artistlik, bilim beriş ýa-da mugallymçylyk işini, şeýle hem lukmanlaryň, aklawçylaryň, inženerleriň, binagärleriň, diş lukmanlarynyň we hasapçylaryň garaşsyz işini öz içine alýar.

## 15-nji madda
## Garaşly şahsy hyzmatlar

1. Eger hakynatutma boýunça iş diňe beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylmaýan bolsa, 16-njy, 18-nji, 19-njy, 20-nji we 21-nji Maddalaryň düzgünlerini hasaba almak bilen, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan hakynatutma iş bilen baglanyşykly alynýan haklara we beýleki şuňa meňzeş hak-heşdeklere diňe şol Döwletde salgyt salynýar. Eger hakyna tutma boýunça iş beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylýan bolsa, şonuň bilen baglanyşykly alnan şeýle hak-heşdege şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. 1-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, eger:

a) alyjy tarap şol senenama ýylynda başlanýan ýa-da tamamlanýan islendik on iki aýlyk döwürde jemi 183 günden geçmeýän döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda beýleki Döwletde bolsa, we

b) hak-heşdek şol beýleki Döwletiň dahyllysy bolup durmaýan hakyna tutujy tarapyndan ýa-da onuň adyndan tölenýän bolsa, we

ç) hakyna tutujynyň şol beýleki Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady hak-heşdekleri tölemek boýunça çykdajylary çekmeýän bolsa, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylýan hakynatutma iş bilen baglanyşykly alynýan hak-heşdege diňe birinji ýatlanyp geçilen Döwletde salgyt salynýar.

3. Şu Maddanyň öňdäki düzgünlerine garamazdan, Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisiniň bortunda, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdesinde amala aşyrylýan hakynatutma iş bilen bagly alýan hak-heşdegine şol Döwletde salgyt salnyp bilner.

**16-njy madda**
**Direktorlaryň gonorarlary**

Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýanyň direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alýan gonorarlaryna we beýleki şoňa meňzeş töleglerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

**17-nji madda**
**Artistler we sportçular**

1. 14-nji we 15-nji Maddalaryň düzgünlerine garamazdan, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan teatryň, kinonyň, radionyň ýa-da telewideniýäniň artisti ýa-da sazandasy ýaly sungat işgäri ýa-da sportçy hökmünde onuň beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrýan şahsy işinden alýan girdejisine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Eger sungat işgäri ýa-da sportçy tarapyndan şol öz işi boýunça amala aşyrýan şahsy işinden alýan girdejisi sungat işgäriniň ýa-da sportçynyň özüne däl-de, başga tarapa hasaplanyp geçirilýän bolsa, 7-nji, 14-nji we 15-nji Maddalaryň düzgünlerine garamazdan, şol girdejä sungat işgäriniň ýa-da sportçynyň işiniň amala aşyrylýan Şertleşýän Döwletinde salgyt salnyp bilner.

3. Eger şol Döwlete barmak Şertleşýän Döwletleriň Hökümetleri tarapyndan şertleşilen medeniýet we sport wekillerini alyşmagyň çäklerinde amala aşyrylýan we bir Şertleşýän Döwletiň ýa-da Şertleşýän Döwletleriň ikisiniň-de jemgyýetçilik gaznalaryndan, ýa-da ýerli häkimiýet edaralaryndan, ýa-da edara ediş-ýerli birliklerinden maliýeleşdirilýän bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri sungat işgäri we sportçy tarapyndan Şertleşýän Döwletde amala aşyrylýan işden alynýan girdejä degişli däldir. Şeýle halatda girdejä diňe şol sungat işgäri ýa-da sportçy dahyllysy bolup durýan Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

**18-nji madda**
**Pensiýalar**

1. 19-njy Maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerini hasaba almak bilen, Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna hakynatutma boýunça geçen iş bilen baglanyşykly tölenýän pensiýalara, annuitetlere we beýleki şuňa meňzeş hak-heşdeklere diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Şu Maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine garamazdan, Şertleşýän Döwletiň durmuş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda geçirilen pensiýalara we şoňa meňzeş beýleki töleglere diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

3. «Annuitetler» düşünjesi ömrüň dowamynda ýa-da wagtyň kesgitlenen, ýa-da bellenen döwrüniň dowamynda bellenen wagt üçin pul serişdeleriniň ýa-da pul üpjünçiliginiň meňzeş we doly öwezini dolmak üçin gaýtarmaga tölegleri geçirmek boýunça borçnamanyň hasabyna bellenen wagtal-wagtal tölenýän pul möçberini aňladýar.

**19-njy madda**
**Döwlet gullugy**

1. a) Şertleşýän Döwlet ýa-da onuň ýerli häkimiýet edaralary, ýa-da onuň edara ediş-ýerli birligi tarapyndan şol Döwlete, ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasyna, ýa-da edara ediş-ýerli birligine edilýän hyzmatlar babatda islendik şahsy tarapa tölenýän pensiýadan başga hak-heşdege diňe şol Döwletde salgyt salnyp bilner.

b) Emma eger hyzmatlar şol Döwletde edilýän we şahsy adam şol Döwletiň dahyllysy bolup durýan, ol:

(i) şol Döwletiň milli tarapy bolup durýan, ýa-da

(ii) diňe hyzmatlary etmek maksady bilen, şol Döwletiň dahyllysy bolmadyk bolsa, şeýle hak-heşdege diňe şol beýleki Döwletde salgyt salynýar.

2. a) Şertleşýän Döwlet ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasy, ýa-da edara ediş-ýerli birligi, ýa-da olar tarapyndan döredilen gaznalar tarapyndan şol Döwlete, ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasyna, ýa-da edara ediş-ýerli birligine edilen hyzmatlar babatda islendik şahsy adama tölenýän islendik pensiýa diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

b) Emma eger şahsy adam şol Döwletiň dahyllysy ýa-da milli tarapy bolup durýan bolsa, şeýle pensiýa diňe beýleki Döwletde salgyt salynýar.

3. 15-nji, 16-njy we 18-nji Maddalaryň düzgünleri Şertleşýän Döwlet ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasy, ýa-da edara ediş-ýerli birligi tarapyndan täjirçilik işiniň amala aşyrylmagy bilen bagly edilýän hyzmatlar babatda hak-heşdeklere we pensiýalara ulanylar.

**20-nji madda**
**Talyplar we stažýorlar**

1. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy beýleki Şertleşýän Döwletde talyp ýa-da stažýor hökmünde wagtlaýyn bolup, tehniki, hünär ýa-da önümçilik bilimini alýan bolsa, ony saklamak, oňa bilim bermek, ýa-da hünäre ugrukdyrmak maksatlary, ýa-da ony ýedi ýyllyk döwürde okatmagy dowam etdirmek üçin talyp haky hökmünde serhetden geçirilýän pul geçirimlerine beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salynmaýar.

2. Beýleki Döwletde talyba ýa-da stažýora edilen hyzmatlar üçin tölenýän hak-heşdege şeýle hyzmatlar onuň okadylmagy, saklanylmagy ýa-da hünäre ugrukdyrylmagy bilen bagly bolan şertde beýleki Döwletde ýagdaýlara baglylykda üç ýyl döwürde salgyt salynmaýar.

## 21-nji madda
## Professorlar we barlaýjylar

1. Beýleki Şertleşýän Döwlete barmagyna çenli gönüden-göni bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan ýa-da duran we şol beýleki Şertleşýän Döwletiň Hökümeti tarapyndan makullanan haýsydyr bir uniwersitetiň, kollejiň, mekdebiň ýa-da şoňa meňzeş beýleki täjirçilik däl okuw mekdebiniň çagyrmagy boýunça şol beýleki Şertleşýän Döwletde oňa gelen birinji senesinden iki ýyldan köp bolmadyk döwrüň dowamynda şol okuw mekdebinde diňe mugallymçylyk etmek ýa-da barlaglary geçirmek, ýa-da şolaryň ikisini hem amala aşyrmak maksady bilen bolýan şahsy adamyň şol beýleki Şertleşýän Döwletde mugallymçylyk edendigi ýa-da barlaglar geçirendigi üçin özüne berlen hak-heşdegi salgytdan boşadylýar.

2. Eger şeýle barlaglar jemgyýetçilik bähbitleri üçin däl-de, kesgitli tarapyň ýa-da taraplaryň hususy bähbidi üçin geçirilýän bolsa, şu Maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri barlaglar üçin girdeji babatda ulanylmaz.

## 22-nji madda
## Beýleki girdejiler

1. Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň girdejileriniň görnüşleri şu Konwensiýanyň öňdäki Maddalarynda bellenip geçilmedik çeşmelerden ýüze çykandygyna garamazdan, diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Eger şeýle girdejileri alýan tarap bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durmak bilen, täjirçilik işini beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Döwletde garaşsyz şahsy hyzmatlary şol Döwletde ýerleşýän hemişelik binýadynyň üsti bilen edýän we şolar bilen bagly girdeji alnan hukuk ýa-da emläk şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat bilen hakykatdan-da baglanyşykly bolsa, 1-nji bölümiň düzgünleri 6-njy Maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlenen gozgalmaýan emläkden alnan girdejilerden başga girdejiler babatda ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji Maddanyň ýa-da 14-nji Maddanyň düzgünleri ulanylýar.

3. 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünlerinden başga-da, Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň şu Konwensiýanyň öňdäki Maddalarynda bellenip geçilmedik we beýleki Şertleşýän Döwletde döreýän girdejileriniň görnüşlerine hem şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 23-nji madda
## Maýa

1. 6-njy Maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlenişi ýaly, gozgalmaýan emläk bilen görkezilen, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň eýeçiligi bolup durýan we beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän maýa şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiliginiň täjirçilik emläginiň bir bölegi bolup durýan ýa-da bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň ygtyýarynda duran, garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek maksatlary üçin beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän hemişelik binýady bilen bagly gozgalýan emläk bilen görkezilen maýa hemişelik wekilçiligiň ýa-da hemişelik binýadyň ýerleşýän şol Şertleşýän Döwletinde salgyt salnyp bilner.

3. Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň halkara gatnatmasynda ulanýan deňiz we howa gämileri, demir ýol we awtomobil ulag serişdeleri we şeýle ulag serişdelerini ulanmak bilen bagly gozgalmaýan emläk bilen görkezilen maýa diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

4. Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň maýasynyň beýleki ähli böleklerine diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

## 24-nji madda
## Iki gezek salgyt salmagy aradan aýyrmak

1. Eger bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda, beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salnyp bilinjek girdejini alýan ýa-da maýa eýelik edýän bolsa, birinji ýatlanyp geçilen Döwlet:

a) şol dahyllynyň girdeji üçin salgydyndan şol beýleki Döwletde tölenen girdeji üçin salgyda barabar pul möçberini aýyrmaga;

b) şol dahyllynyň maýa üçin salgydyndan şol beýleki Döwletde tölenen maýa üçin salgyda barabar pul möçberini aýyrmaga ygtyýar berer.

Bu aýyrmalar islendik ýagdaýda şol beýleki Döwletde ýagdaýlara baglylykda salgyt salnyp bilinjek girdejä ýa-da maýa degişli aýyrma berilýänçä hasaplanan girdejiden ýa-da maýadan alynmaly salgydyň töleginden geçmeli däldir.

2. Eger Konwensiýanyň islendik düzgünine laýyklykda bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň alan girdejisi ýa-da maýasy şol Döwletde salgytdan boşadylan bolsa, muňa garamazdan, şol Döwlet şol dahyllynyň girdejisiniň ýa-da maýasynyň galan bölegi üçin salgydyň möçberi hasaplanan mahaly salgytdan boşadylan girdejini ýa-da maýany hasaba alyp biler.

**25-nji madda**
**Kemsitmezlik**

1. Bir Şertleşýän Döwletiň milli taraplary beýleki Şertleşýän Döwletde şol beýleki Döwletiň milli taraplarynyň şol bir ýagdaýlarda salgyt salynýan ýa-da salgyt salnyp bilinjek we şonuň bilen bagly borçnamalara sezewar edilýän we edilip bilinjek derejesinden başga ýa-da has agyr salgyda ýa-da onuň bilen bagly borçnamalara sezewar edilip bilinmez. 1-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, şu düzgün bir ýa-da iki Şertleşýän Döwletiň hem dahyllysy bolup durmaýan şahsy adamlar babatda-da ulanylýar.

2. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiligine salgyt salnyşy şol beýleki Döwletde şoňa meňzeş işi amala aşyrýan kärhanalara salgyt salnyşyndan az amatly bolmaly däldir. Bu düzgün bir Şertleşýän Döwleti beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna salgyt salmak boýunça haýsydyr bir şahsy ýeňillikleri, aýyrmalary we indirimleri onuň öz dahyllylaryna berýän raýat derejesiniň ýa-da maşgala borçnamalarynyň esasynda bermäge borçly edýän düzgün hökmünde düşündirilmeli däldir.

3. Şu Konwensiýanyň 9-njy maddasynyň 1-nji bölüminiň, 11-nji maddasynyň 7-nji bölüminiň ýa-da 12-nji maddasynyň 6-njy bölüminiň düzgünleri ulanylýandan başga halatlarda, bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna töleýän göterimleri, roýaltileri we beýleki tölegleri şeýle kärhananyň salgyt salynýan peýdasyny kesgitlemek maksady bilen, birinji agzalan Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenende ulanylýan hut şol bir şertlerde kemilmäge degişlidir. Hut şonuň ýaly, bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna islendik bergisi şol kärhananyň salgyt salynýan maýasyny kesgitlemek maksady bilen, birinji agzalan Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna bolan bergi babatda ulanylýan hut şol bir şertlerde kemilmäge degişlidir.

4. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň maýasy beýleki Şertleşýän Döwletiň bir ýa-da birnäçe dahyllysyna doly ýa-da kem-käs degişli bolsa, ýa-da bir ýa birnäçe dahyllysy tarapyndan göni ýa-da keseden gözegçilik edilýän bolsa, şeýle kärhana barada birinji agzalan Şertleşýän Döwletde onuň özüniň şonuň ýaly kärhanasy barada ulanylyp bilinjekden başga ýa-da has agyr salgyt düzgüni ýa-da onuň bilen bagly ýagdaýlar ulanylmaly däldir.

5. Şu Maddanyň düzgünleri diňe şu Konwensiýa özüne degişli salgytlar babatda ulanylýar.

**26-njy madda**
**Özara ylalaşmak amaly**

1. Eger tarap Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem hereketleri özüne şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk däl salgyt salynmagyna getirýär ýa-da getirer diýip hasap etse, şol Döwletleriň milli kanunçylygynda göz öňünde

tutulan gorag serişdelerine garamazdan, ol öz işini dahyllysy bolup durýan Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edaralaryna ýa-da eger onuň ýagdaýy 25-nji Maddanyň 1-nji bölüminiň täsirine düşýän bolsa, milli tarapy bolup durýan Döwletiniň ygtyýarly edaralaryna garamaga berip biler. Bu baradaky maglumat şu Konwensiýnyň düzgünlerine laýyk gelmeýän tertipde salgyt salynmagyna eltýän hereketler hakyndaky ilkinji habarnamanyň pursatyndan üç ýylyň dowamynda berilmelidir.

2. Ygtyýarly edara eger arzany esasly hasap etse we eger onuň özi kanagatlanarly çözgüde gelip bilmejek bolsa, Konwensiýa laýyk gelmeýän salgyt salynmagyndan gaça durmak maksady bilen, beýleki Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasy bilen meseläni özara ylalaşyk boýunça çözmäge çalşar. Gazanylan islendik şertleşik Şertleşýän Döwletleriň milli kanunçylygynda bar bolan haýsydyr bir wagtlaýyn çäklendirmelere garamazdan ýerine ýetirilmelidir.

3. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary Konwensiýa düşündirilen ýa-da ulanylan mahaly ýüze çykýan islendik kynçylyklary ýa-da şübheleri özara ylalaşyk boýunça çözmäge çalşar. Şeýle hem olar Konwensiýada göz öwünde tutulmadyk halatlardaky iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, bir-biri bilen pikir alşar.

4. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary öňdäki bölümlere düşünmekde ylalaşyk gazanmak maksady bilen, bir-biri bilen göni aragatnaşyga girip biler. Eger ylalaşyk gazanmak üçin dilden pikir alyşmagy guramak maksadalaýyk bolsa, şeýle pikir alyşma Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralarynyň wekillerinden düzülen toparyň mejlisiniň çäklerinde geçirilip bilner.

## 27-nji madda
## Maglumatlary alyşmak

1. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Konwensiýanyň düzgünlerini ýa-da Şertleşýän Döwletleriň Konwensiýanyň salgyt salmagyň oňa ters gelemeýän derejede degişli salgytlary babatdaky milli kanunçylyklarynyň düzgünlerini ýerine ýetirmek, aýratyn hem şeýle salgytlary tölemekde aldawçylyklaryň we tölemekden bikanun boýun towlamagyň öňüni almak üçin zerur bolan maglumatlary alyşýar. Maglumatlary alyşmak 1-nji Madda bilen çäklenmeýär. Şertleşýän Döwlet tarapyndan alynýan islendik maglumat şol Döwletiň milli kanunçylygynyň çäklerinde alnan maglumatlar ýaly derejede gizlin hasaplanýar we diňe Konwensiýanyň degişli salgytlary babatda olara baha bermek ýa-da olary ýygnamak, mejbury töletmek, ýa-da kazyýet tarapyndan yzarlamak, ýa-da apelýasiýalara garamak bilen meşgullanýan taraplara ýa-da edaralara (şol sanda kazyýetler we edara ediş edaralary) habar berilýär. Taraplar ýa-da edaralar bu maglumatlary diňe şol maksatlar üçin ulanýar. Olar şol maglumatlary açyk kazyýet mejlisiniň barşynda ýa-da kazyýet çözgütleri kabul edilen mahaly äşgär edip biler.

2. Hiç bir halatda 1-nji bölümiň düzgünleri Şertleşýän Döwletlere:

a) ol ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň kanunçylygyna we edara ediş tejribesine ters gelýän edara ediş çärelerini geçirmek;

b) ol ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň kanunçylygy boýunça ýa-da adaty edara ediş tejribesiniň barşynda alyp bolmajak maglumatlary bermek;

ç) haýsy-da bolsa bir söwda, telekeçilik, senagat, täjirçilik ýa-da hünär syryny ýa-da söwda amalyny äşgär edýän ýa-da äşgär edilmegi döwlet syýasatyna (jemgyýetçilik tertibine) ters geljek maglumatlary bermek borjuny ýükleýän hökmünde düşündirilip bilinmez.

**28-nji madda**
**Salgytlary ýygnamakda kömek bermek**

1. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary bir-birege salgytlary, şu Maddada «salgyt hak islegi» atlandyrylýan şeýle salgytlara degişli göterimler, tölegleriň giç tölenendigi üçin jerimeler we puşmana pullary bilen bilelikde ýygnamakda jeza häsiýetli däl ýardamy bermäge borçlanýar.

2. Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasynyň salgyt hak islegi şeýle edara tarapyndan şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt hak isleginiň gutarnykly kesgitlenendigi baradaky şahadatnamanyň berilmegini öz içine alýar. Şu Maddanyň maksatlary üçin salgyt hak islegi doly kesgitlenen bolup durýar, şunda Şertleşýän Döwletiň öz içerki kanunçylygyna laýyklykda salgytlary ýygnamak üçin hak islegini ulanmaga hukugy bardyr, salgyt töleýjiniň bolsa şol ýygnamany bökdemäge hiç hili hukuklary ýokdur.

3. Ýardam bermek hakyndaky haýyşyň mazmuny bolup durýan hak islegleri ýardam berýän Şertleşýän Döwletiň salgytlaryndan ileri tutulmaly däldir we 26-njy Maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri şu Maddanyň derejelerine laýyklykda Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasyna berilýän islendik maglumatlar barada ulanylar.

4. Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasynyň salgyt hak islegi beýleki Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan şeýle hak islegi onuň öz salgytlary bilen baglanyşykly ýaly derejede kabul edilýär.

5. Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan şu Madda laýyklykda ýygnalan pul möçberleri beýleki Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasyna berilýär.

6. Şu Madda laýyklykda eger salgyt hak isleginiň berlen wagtynda salgyt töleýji beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolan bolsa, salgyt hak islegini kanagatlandyrmak üçin hiç hili kömek berilmez.

7. 2-nji Maddanyň düzgünlerine garamazdan, şu Maddanyň düzgünleri Şertleşýän Döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenen islendik görnüşdäki we kysymdaky ähli salgytlara degişlidir.

8. Şu Maddanyň düzgünleri ol ýa-da beýleki Şertleşýän Döwlete olaryň öz salgytlary ýygnalan mahaly ulanylýan edara ediş çärelerinden tapawutly edara ediş çärelerini ýa-da olaryň jemgyýetçilik syýasatyna (jemgyýetçilik tertibine) ters gelýän çäreleri ulanmak borjuny ýüklemek hökmünde düşündirilip bilinmes.

**29-njy madda**
**Diplomatik wekilçilikleriň we konsullyk edaralarynyň agzalary**

Şu Konwensiýanyň hiç bir düzgüni diplomatik wekilçilikleriň ýa-da konsullyk edaralarynyň agzalarynyň halkara hukugynyň umumy düzgünlerine ýa-da ýörite ylalaşyklaryň esasynda bellenen salgyt ýeňilliklerine degişli däldir.

**30-njy madda**
**Güýje girmegi**

Şu Konwensiýa tassyklanar we tassyklaýyş hatlarynyň alşylan senesinden soň otuzynjy gün güýje girýär. Konwensiýa:

a) çeşmeden alynýan, Konwensiýa güýje giren ýylyndan soňky gelýän senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da birinji ýanwaryndan soň alynýan girdejä salgytlar babatda; we

b) Konwensiýa güýje girenden soň gelýän senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da birinji ýanwaryndan soň alynýan peýda, girdeji we maýa üçin beýleki salgytlar babatda ulanylar.

**31-nji madda**
**Hereketini bes etmek**

1. Şu Konwensiýa kesgitlenmedik möhlete güýjünde galýar. Şertleşýän Döwletleriň her biri şu Konwensiýa güýje giren seneden bäş ýyl geçenden soň, onuň hereketiniň bes edilmegi hakynda azyndan alty aý öňünden diplomatik ýollar arkaly ýazmaça habar edip, Konwensiýanyň hereketini bes edip biler. Şeýle halatda Konwensiýa öz hereketini:

a) çeşmeden alynýan, habarnamanyň berlen ýylyndan soň gelýän senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da birinji ýanwaryndan soň alynýan girdejä salgytlar babatda; we

b) habarnama berlenden soň gelýän senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da birinji ýanwaryndan soň alynýan peýda, girdeji we maýa üçin beýleki salgytlar babatda bes edýär.

Muňa güwä geçip, degişli Hökümetler tarapyndan degişli derejede şuňa ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Konwensiýa gol çekdi.

Buharest şäherinde 2008-nji ýylyň «16» iýulynda türkmen, rumyn we iňlis dillerinde iki nusgada amal edildi, ähli nusgalaryň bir meňzeş güýji bardyr. Nusgalar düşündirilende çaprazlyklar ýüze çykan halatda iňlis dilindäki nusga esas hökmünde kabul edilmelidir.

**Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan**

**Rumyniýanyň Hökümetiniň adyndan**

**KONWENSIÝA 21.08.2009 ÝYLDA GÜÝJE GIRDI**